# Köwüş çotgasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Köwüş çotgasy KÖWÜŞ ÇOTGASY

Köwüş çotgasynyň ýüregi gysyp,
Diş çotgasynyňka gidesi geldi.
Kowumdaşy bilen çaýyň başynda
Iç döküşip gürrüň edesi geldi.

Düwünçege düwüp sowgatjygyny,
Hiňlenjiräp, assa-ýuwaş ugrady.
Ýöne, diş çotgasy sowuk garşylap,
Ähli je keýpine sogan dogrady.

Diýdi: — Seniň edýän işiň hapa iş.
Şonuň üçin diýip bilmerin «Otur!»
Meniň öz gatnaşýan deň-duşlarym bar:
Diş pastasy,
Sürteç,
Sabyndyr,
Atyr!

* * *

Hawa, käte şeýle bolaýmasy bar:
Gowy gylyk gara şaýa geçenok,
Seniň kimdigiňi kesgitleýär kär!

■ DAWA

Tarelka tarelka diýdi: — Süýş biraz!
— Süýşjek däl, gör ahyr, ozalam ýer aza
— Süýşmeli bolarsyň,
— Süýşmejegim hak!
— Menem hötjetdirin, süýşüşiňe bak!

Tarelka tarelkaň böwründen itdi,

Ikisem stoldan düñderlip gitdi.
Stol başyn ýaýkap, diýdi: – Eý, toba!
Jäç bolup ýatyrlar, erbet zat dawa!

■ UÇMAHYÑ GIRELGESINDE

*(Uçmahyñ girelgesinde)*

Günäsi dag deýin agyr bolsa-da,
Uçmaha goýberýär bir zat emläni.
Goly boşja halal kişi gelse-de,
«Ornuñ dowzah!» diýip, urýar hemläni.

(Haýsy dünýä parhy ýok, bir öwrümde
Geregi çykaýýar,
gowy zat ýadam

Ünslüje synlasam,
Giriş döwründe
Para bilen WUZ-a salanja adam!
■ DIÝDI: – NEPES DÖWRI DÄL

Diýdim: – Ysgap doýmaly,
Bu ne üýtgeşik alma?!
Diýdi: – Al ýañagymdyr,
Bidin ysgaýjy bolma!
Diýdim: – Ýañy açylan
Bu ne üýtgeşik gunça?!
Diýdi: – Bally dodagym,
Oña höwesek ençe!
Diýdim: – Ne aladyr bu?!
Diýdi: – Ala gözümdir!
Diýdim: – Ne ýagtydyr bu?!
Diýdi: – Aý dek ýüzümdir.
Diýdim: – Ne süýjüdir bu?!
Diýdi: – Şirin dilimdir!
Diýdim: – Ne inçedir bu?!

Diýdi: – Inçe bilimdir!
Diýdim: – Kaddy-kamatyñ
Gujaga laýyk, gülüm!
Diýdi: – Arzuwyñ wysal,
Eger töleseñ galyñ!
Diýdim: – Durmuş gurmaklyk
Galyñsyz bolmaýarmy?!
Diýdi: – Nepes döwri däl,
Mugt baryp, akmak barmy?

■ KRANDYÑ UMYDY

Beklemegi
Undupdyrlar krandy:
«Ýapar ýaly adam ýokmuka?!» diýip,
Umyt bilen töwerege garandy.

Hemra ŞIROW. Goşgular